# Ýalta hakda hekaýat

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Ýalta hakda hekaýat ÝALTA HAKDA HEKAÝAT

Ýeri näme diýjek ol ýatan keltä,
Bu günki işini goýup ýör ertä.

Ýogsam ir baharda edilmeli iş,
Tomus ahyrlapdyr edilenok hiç.

Öz ýanyndan göwnün şatlap gezip ýör,
Hyýalynda dünýäň işin çözüp ýör.

Käte sähel zatdan gözläp bahana,
Dolduryp ýör erbet sözi dahana.

Eger biri dost sözüni diýäýse,
Ýüregi köşeşjek ony iýäýse.

Şeýde-şeýde ahyrlady altyn güýz,
Kelte diýdi: “Tapsam gerek bagtym tiz.

Bu gün irräjikden uka gideýin,
Ertirki iş hakda pikir edeýin.

Bu durmuşda bagtsyz bilmen-ä oňup,
Onsuz sowuk gyşda galmanmy doňup?!”

Garaz, her sözüňem gysgasy ýagşy,
Ýazgyt diýilýän zat täleýiň nagşy.

Ol bu günem ýatdy günortana çen,
Onuň bu häsiýeti ganyna geçen.

Gözüni owkalap turdy ýerinden,
Ýüz-gözleri doly ýassyk perinden.

Şol ir bahar edilmeli işini,

Etmäge howlukdy gyjap dişini.

Özüne käýindi: “Şunça wagt ýatmak
Nämäňe gerekdi, zöwwetdin, akmak?!”

Diýdi-de, daşaryk ylgap gitdi ol,
Ak bagtyna derek – ak gar sagy-sol.

Ederin bilmedi, oturdy aşak,
Çykalga gözledi ýeňsesin gaşap.

Gar ýagypdyr ertä goýan işine,
Muny ýordy agşam gören düýşüne.

Şonda-da özünde günä görmedi,
Gaharyna sowuk gary sermedi.

Oň eline ildi ep-eslije daş,
Diýdi: “ Indi menem däl ahyry ýaş”.

Bahana aramak gerekmi ýa ýok,
Ol bu hakda pikirlenip bilenok.

Eýmenç nazaryny asmana dikdi:
“ Sen sebäpli bu gar zemine çökdi”.

Diýdi-de, asmana zyňdy daşyny,
“Ýüregim köşeşer ýarsam başyňy”.

Bir haýukdan nähäk zyňlan gara daş,
Öz başyna düşdi, boldy çalam-çaş.

… Her bir zadyň hasaby bar, wagty bar,
Bulardan aňyrda ýasan bagty bar. Goşgular